# Muhiddin Araby we Ýawuz Soltan Selimiñ duşuşygy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Muhiddin Araby we Ýawuz Soltan Selimiñ duşuşygy MUHIDDIN ARABY BILEN ÝAWUZ SOLTAN SELIMIÑ DUŞUŞYGY

Güneş bu gün gyzyl öwüsýärdi. Edil ganyñ reñkinde! Arş gussalydy, gözleri ýaşly we ýetim! Perişdeler bolsa arşa şan-şöhratly bir myhmanyñ gelýändigini buşlaýardylar! Muhiddin diýip parlaýardy ýyldyzlar. Onuñ haýkyryşlaryny alyp barýardy şemallar! Muhiddin…
Wagt pursadyñ başlaýan nokadyna tarap barýarka özüne göwnüýetijilikli bir ses eşdilýärdi depeleriñ arasyndan:

"Siziñ uýýan tañryñyz meniñ aýaklarymyñ aşagyndadyr!"

Bu ses Muhiddiniñ sesidi. Bu ses dumly-duşa ok bolup syçrady. "Daşy jäjek – içi möjek" ýüreklere Muhiddin bolup sünjüldi. Bu ses olaryñ gulagyna alynlary sežde de durka eşidildi. Bu ses otparaza ýa butparaza aýdylan söz däldi. Bu ses diñe sežda egilede şirk bilen egilen takwasumaklara gönükdirilendi. Ýüreklerde gizlenen syrlary bilýän diñe Allatagaladyr. Allatagala islese guluna dil açdyryp ýüreklerde bukulyp ýatan gizlin syrlary äşgär edip bilýär. Emma olar atalary Iblis ýaly Allanyñ eradasy bilen gepleýän diri öwlüýäni tanamaýardylar! Muhiddin Arabyny bir depäniñ üstünde ýüzüni göge tutup durka ele saldylar. Gahar bilen, gazap bilen ony kazyýete çykardylar.
Emma ylahy yşkyñ keýpi bilen uçup ýören Muhiddin hiç bir güýjüñ öñünde baş egjek adama meñzänokdy. Gaýtam ol bu oýnatgylara iñ soñky aýgytly sözüni tüýs ýüregi bilen gaýtalap durdy:

"Siziñ uýýan tañryñyz meniñ aýaklarymyñ aşagyndadyr. Sin Şine girende Muhiddiniñ gabryna-da, maksadyna-da göz ýetiriler!"

Hak sözüni sözläpdi, çarhypelek maksadyna ýetipdi indi! Indi Arş oňa gujagyny gujagyny açyp garaşyp durdy!
Alymlar Hezreti Muhiddini şirk getiren diýip yglan etdiler. Eýsem, hakyky şirk hakykaty gizlemek we örtmek dälmi näme? Ellerinde şirkiň ganly ýüpleri, ýüpüň ujunda-da hakykatyň Muhiddini! Asdylar onuň et bilen süňkden ybarat bedenini! Ýunus Emre bilen Muhiddin bolsa ikisi bile beýik Arşy-agladan gülümsiräp garaýardylar:

"Ete, süňke bürendim,
Muhiddin bolup göründim!
Ölen jeset dälmişin,
Aşyklar ölmezmişin".

Aradan birnäçe asyr geçdi. Nijeme diri öwlüýäler düýş kimin ýalançy panydan gelip geçdi! Muhiddiniň sözi diri öwlüýäleriň boýnunda tumar bolup gezdi! Tä öz wagty-sagady gelip Ýawuz Soltan Selimiň (Sin) Şama (Şin) girýän pursatyna çenli. Ine, şol gün Sin Şine Muhammet Mustapanyň (s.a.w) nury we perişdeler bilen birlikde girdi! Ýanyna-da Muhiddin Arabynyň ruhuny alyp girdi! Sin Şine atyndan düşüp, yzyndaky müňlerçe esgeri bilen pyýada ýöräp girdi. Hezreti Muhammediň (s.a.w) şanly baýdagy Ukabyň ýüreginde pasyrdap girdi!

"…we ynha Weliniň gözüni, Muhiddiniň sözüni gördi! Muhiddiniň sözi Ýawuz Selimiň gözlerine girdi".

Soltan görkezme berdi: "Gazyň, şu depäni!"
Çünki Alla dosty Muhiddiniň sözüni ýerde goýmaly däldi. Çünki, diri öwlüýäsine, Muhiddine ylahy hikmet berip gepleden Alla öz sözüni ýerde goýmaly däldi! Gazdylar, gazdylar, gazdylar…
Ýerden hak däl, hakykat däl, çuwal-çuwal altyn çykardylar…
Säher şemaly ýaňadandan pyşyrdaýardy:

"Siziň uýýan taňryňyz aýaklarymyň aşagyndadyr! Çünki siziň uýýanyňyz Alla däl-de, şu altynlardyr!"

Ýawuz Selim nökerleriniň ýanyna baryp, Muhiddin Arabybyň mazarynyň nirede ýerleşýändigini sorady. Nökerler nirden

bilsin Muhiddiniñ nirede jaýlanandygyny. Sebäbi ony dardan asanlar mazary-da gizläpdiler…
Allatagala ýene-de kömege ýetişdi! Ete-süñke bürenen Muhiddin bir çopana dil bitirdi:

"Eý, mübärek han! Alysda bir depe bar! Ol depede ne goýun, ne-de başga haýwan otlaýar. Guşlar we mör-möjekler ol depäniñ ýanyndan ümsümlik bilen geçýärler. Ol ýeriñ otlary-da öz-özünden gurap gidýär. Gülleri hiç wagt solmaýar. Hiç haçan ol ýeriñ pyşyrdysy kesilmeýär".

Bu sözlerden soñ Ýawuz Soltan Selim ol ýerde Muhiddin Arabynyñ mazarynyñ bardygyna ynanýar we depäni gazdyryp başlaýar. Ine, görseler, Muhiddin Arabynyñ bozulmadyk mübärek bedeni diri adamyñ bedeni ýaly ýatyrdy! Şeýlelik-de, Allatagala öz dosty Muhiddinuñ şanyny tamamlady!

"Ete, süñke bürendim,
Muhiddin bolup göründim!
Ölen jeset dälmişin,
Aşyklar ölmezmişin".

Kutaý BILGEHAN. Geň-taňsy wakalar